# Suw perisi

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Suw perisi SUW PERISI



Köl boýunça, gür jeññelleñ içinde
Terkidünýä keşiş ýaşaýar eken.
Tañra tagat kylyp, günüñ gününde,
Namaz okap, işläp ýadaýar eken.
Indi göge berip takat-sabryny,

Ölümin asmandan dileýän garry,
Pilin alyp, öz-özüniñ gabryny
Gazyp goýanmyşyn bireýýäm garry.
Tomusuñ bir güni bosaga çykyp,
Terkidünýäñ tañra çokunýan çagy,
Elini, ýüzüni asmana tutup,
Eden günälerne ökünýän çagy,
Birdenkä-de tümlük jeññele inip,
Köli goýry duman örtüp başlapdyr.
Altyn Aý ýitende buluda girip,
Keşiş köl suwuna nazar taşlapdyr.

Bakýar gorkup erkin ýitiren garry,
Düşünip bilenok öz-özüne ol…
Birdenem tolkunlar asmana galdy,
Soñ ýene dolandy kölüne olar.
Birdenem… göýäki gijeki hyýal,
Bedeni daglaryñ gary deý çuw-ak
Ýüzüp suwdan çykan ýalañaç aýal
Kölüñ kenarynda otyr lowurdap.

Otyr ol keşişe golaýdan garap
Hem öl bolan saçlaryny daraýar.
Keşiş bolsa gorkusyndan galdyrap,
Gözel gelne haýran galyp garaýar.
Gyz ony çagyrýar golun bulýar-da
Hem baş atyp, ümläp, oña ýüzlenýär.
Soñam birden süýnýän ýyldyz bolýar-da,
Ukuly tolkunlar içre gizlenýär.

Oýa batyp uzyn gije ýatmady,
Gündiz tañra tagat etmedi garry.
Diñe düýş deý şol ahwaly ýatlady,
Bolan işe akly ýetmedi garryñ,
Ýene jeññel goýry tümi geýindi.
Bulutlar içinde Aý çykdy seýle.
Ýene şol gyz otyr suwuñ boýnunda,
Çuw-ak hem ajaýyp, görk barmy beýle!

Seredýär, baş atýar, zol posa oklap
Hemem garra salýar azajyk aly.
Oýnaýar ol tolkunlary gujaklap,
Gülýär hem aglaýar çagajyk ýaly.
Çagyrýar keşişi näzijek iňläp,
»Keşiş, keşiş, gel ýanyma, gel bäri!»
Soňam çümýär, gyzy tolkunlar gizläp,
Ümsümlik gaplaýar çola kenary.
Üçünji gün keşiş besläp yşkyny,
Otyrdy kenarda kän umyt bile,
Görmek üçin gözel gyzyň keşbini,
Ýöne ýene kölge düşdi jeňňele…

Daň şapagy gijäň tümün kowanda,
Keşiş ýokmuş. Dünýä bolsa gözelmiş.
Diňe çagajyklar kölüň suwunda
Şol keşişiň çal sakgalyn görenmiş.

## • LILA DIÝEN GYZA

Lila, Lila! Solup barýan,
Günüm gaýgy-gamda geçýär.
Usurgaýan, ölüp barýan,
Kalbymdaky alaw öçýär.

Söýgim seniň parhyňa däl,
Gaýta üstümden gülýärsiň.
Gül, Lila, parhsyz gülseňem,
Owadan bolup bilýärsiň.

## • K.A.B.

Gyssagara goşguda näme aýdyp biler men,
Hakykat bar zatdan gymmatdyr maňa.
Pikirlenip ýetişmän, oňa: »Janym!» diýer men,
Pikirlenip, ýene-de şol sözi diýýän oňa.

## • M-OWA ÝAZYLAN MADRIGAL

Eý, siz, söýüşmedik juwan kişiler,
Oňa bakyp yşka sataşarsyňyz.
Eý, siz, söýüp-söýüp sowan kişiler,
Oňa bakyp, ýene tutaşarsyňyz.

## • SOSNISKAÝANYŇ ALBOMYNA

Sowuk ýüregiň sowgun, jady gözleriň howrun
Goşup, siziň işiňiz mydam bize bakmakdyr.
Elbetde, sizi söýen örän akmakdyr, keýgim,
Ýöne sizi söýmedik hasam beter akmakdyr.

## • GOŞGUÇYNYŇ TARYHY

Endik eden gulaklary eşidýär oň
Sykylyk.
Çyrmaşdyryp kagyz baryn, turuzýar ol Gykylyk.
Soňra hemmä iş bolýar, ýaýradyp ol
Myş-myşy.
Ahyrynda çap etdirýär, bolup bir
Şahyr kişi.

## • DORIDA

Hoş ýakýar Doridanyň maňa altyn saçlary,
Solgunrajyk ak ýüzi, mawy gözi, gaşlary.
Agşam dostlaň meýlisin taşlap gaýdyp, ikiçäk,
Lezzet içip gujakda ýatdym syna, ýaka çäk.
Tiz höwesim ýene-de höwese çalyşýardy.
Islegim öçüp, ýene ot alyp ýanyşýardy.
Eräp gitdim men, ýöne şo gijäň tümlüginde,
Ýene bir mähriban keşp gözlerimiň öňünde.
Göwnümiziň gizlin gamdan doludugyn aňýardym,
Pyşyrdap, ýat bir gyzyň adyn gaýtalaýardym.

Aleksandr PUŞKIN.

Terjime eden: Atamyrat ATABAÝEW. Goşgular